**Dear Duarte Pacheco!**
**Dear Martin Chungong!**
**Ladies and Gentlemen!**

Allow me to thank you for the highly organized work of the 146th Assembly of the Inter-Parliamentary Union and for the opportunity to speak!

**Dear friends!**

Turkmenistan, whose legal status of neutrality has been twice recognized by the UN, is guided by the principles of peacefulness through the development of its humanitarian domestic and foreign policy.

In the interests of peace, security and sustainable development, Turkmenistan constantly promotes international initiatives at the level of the United Nations. To date, Turkmenistan has acted as the author of 20 unanimously adopted resolutions of the UN General Assembly. On the basis of the international initiatives of Turkmenistan and with the support of the countries of the world, the United Nations declared 2023 the "International Year of Dialogue as a Guarantee of Peace", and 2025 - the "Year of Peace and Trust".

Recently, at the 60th plenary meeting of the 77th session of the UN General Assembly, the Resolution “The Role of the UN Regional Center for Preventive Diplomacy for Central Asia” was unanimously adopted.

This is another proof that the state of Turkmenistan is effectively fulfilling its obligations, using the legal status of permanent neutrality.

Such initiatives are a call to parliamentarians to jointly solve the tasks they face in promoting peaceful life and communities of different views, and countering threats.

**Dear Colleagues!**

Turkmenistan is engaged in the implementation of joint projects to build confidence through dialogue and promote fruitful cooperation.

Among them, several major regional and international projects, such as the Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan-India gas pipeline, the Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan electrical communication gas pipeline, the Lapis Lazurit transit corridor, which will ensure stable development in the region and at the international level and contribute to the strengthening of security, promote initiatives implementation and makes the necessary efforts for their implementation.

Respected President Serdar Berdimuhamedov, successfully continuing the ambitious initiatives of the national leader of the Turkmen people Gurbanguly Berdimuhamedov, stressed: “We will build friendship

and brotherhood with peoples, nations and countries of the world based on our peace-loving policy.”

**Ladies and Gentlemen!**

As noted, parliaments have an important role to play in promoting peaceful coexistence and diverse communities, as well as in resisting violence. Effective work in this direction is also being carried out in Turkmenistan. Ensuring peace and unity in society, strengthening the foundations of people's power and a democratic, legal, secular state is a priority of the state policy of Turkmenistan.

The Mejlis of Turkmenistan, along with other state institutions of the country, effectively uses the opportunities of events held at the national, regional and international levels to promote peaceful life and communities with different views, bring the issue of countering threats to the general public and improve activities in this area.

We would like to emphasize that by joint efforts we are ready to assist in the implementation of the decisions that will be taken on the issues discussed within the framework of this conference at the national, regional and international levels.

**Dear participants of the Assembly!**

**Ladies and Gentlemen!**

In conclusion, I wish the Assembly participants success in their work to ensure good health, prosperity, peace and sustainable development throughout the world.

**Thank you for your attention!**

**Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň orunbasary G.Aşyrowyň Parlamentara Bileleşigiň 146-njy Assambleýasyndaky ÇYKYŞY**

**Hormatly Duarte Paçeko!**

**Hormatly Martin Çungong!**

**Hanymlar we jenaplar!**

Parlamentara Bileleşiginiň 146-njy Assambleýasynyň işiniň ýokary derejede guralandygy we çykyş etmäge döredilen mümkinçilik üçin Size sagbolsun aýtmaga rugsat ediň!

**Hormatly maslahata gatnaşyjylar!**

Bitaraplyk hukuk derejesi BMG-y tarapyndan iki gezek ykrar edilen Türkmenistan özüniň ynsanperwer içeri we daşary syýasatynda ösüş arkaly parahatçylyk ýörelgelerinden ugur alýar.

Parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbitlerine Türkmenistan Milletler Bileleşiginiň derejesinde yzygiderli halkara başlangyçlary öňe sürýär. Şu günki güne çenli Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň biragyzdan kabul eden Kararnamalarynyň 20-siniň awtory hökmünde çykyş etdi. Türkmenistanyň halkara başlangyçlary esasynda we dünýä döwletleriniň goldamagy bilen Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan «2023-nji ýyl — Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýlip, 2025-nji ýyl bolsa «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi.

Ýakynda bolsa, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 60-njy umumy mejlisinde «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Kararnamasy biragyzdan kabul edildi.

Bu bolsa Türkmenistan döwletiniň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny iş ýüzünde peýdalanmak bilen öz üstüne alan borçnamalaryny maksadalaýyk ýerine ýetirýändiginiň ýene-de bir subutnamasydyr.

Şeýle başlangyçlar bolsa parahatçylykly ýaşaýşa we dürli garaýyşly jemgyýetlere ýardam etmek, wehimlere garşy durmak meselesinde Parlamentarilere öňde durýan wezipeleri bilelikde alyp barmaga çagyryş bolup durýar.

**Hormatly kärdeşler!**

Türkmenistan dialog arkaly ynanyşmagy berkitmek we bahbitli hyzmatdaşlygy ugrukdyrmak maksatlary bilen bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek babatda işler alyp barýar.

Olaryň hatarynda sebitde we halkara derejesinde durnukly ösüşi üpjün etjek we howpsuzlygy berkitmäge ýardam berjek Türkmenistan–

Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik geçirijisi we aragatnaşyk geçirijisi, Lapis-Lazuli ulag üstaşyr geçelgesi ýaly birnäçe iri sebitleýin we halkara ähmiýetli taslamalary durmuşa geçirmek boýunça başlangyçlary öňe sürýär we olaryň durmuşa geçirilmegi ugrunda zerur tagallalary edýär.

**Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň** tutumly başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän **Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow**: **«Biz geljekde-de parahatçylyk söýüjilikli syýasatymyz esasynda dünýäniň halklary, milletleri, ýurtlary bilen dost-doganlyk ýollaryny gurarys.»** diýip aýratyn nygtaýar.

**Hanymlar we jenaplar!**

Bellenip geçilişi ýaly, **parahatçylykly ýaşaýşa we dürli garaýyşly jemgyýetlere ýardam etmek, wehimlere garşy durmak meselesinde** parlamentlere uly orun degişlidir. Türkmenistanda hem bu ugurda netijeli işler alnyp barylýar. Jemgyýetde asudalygy we agzybirligi üpjün etmek, halk häkimiýetiniň hem-de demokratik, hukuk, dünýewi döwletiň esaslaryny berkitmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugrudyr.

Türkmenistanyň Mejlisi hem ýurdumyzyň beýleki döwlet edaralary bilen bir hatarda **parahatçylykly ýaşaýşa we dürli garaýyşly jemgyýetlere ýardam etmek, wehimlere garşy durmak meselesini** giň jemgyýetçilige ýetirmek we bu ugurda alnyp barylýan işleri kämilleşdirmek boýunça milli, sebit we halkara derejelerinde geçirilýän çäreleriň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanýar.

Biz şu maslahatyň çäklerinde seredilen mesleler boýunça kabul ediljek çözgütleriň milli, sebit we halkara derjesinde durmuşa geçirilmegi babatda işlerde bilelikdäki tagalallara goşant goşmaga taýýardygymyzy bellemek isleýäris.

**Hormatly Assambleýa gatnaşyjylar! Hanymlar we jenaplar!**

Çykyşymy jemlemek bilen, Assambleýanyň işine gatnaşyjylara berk jan saglygyny, abadançylyk we bütin dünýäde parahatçylygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmegiň hatyrasyna alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw edýärin.

Diňläniňiz üçin sag boluň!